THE ASHGABAT TIMES

# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Balkan welaýatynda täze howa menziliniň gurluşyk işleriniň barşy bilen tanyşdy

Ir bilen Balkan welaýatynda iş saparynda bolýan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenbaşy şäherinden dikuçarda Balkanabat şäherine geldi. Gahryman Arkadagymyz Jebel şäherçesinde täze Halkara howa menziliniň gurluşygynyň güýçli depginde dowam edýän ýerine baryp, alnyp barylýan giň möçberli gurluşyk işleri bilen tanyşdy.

Taryhdan belli bolşy ýaly, ir döwürlerde Türkmenistanyň çäginden Beýik Ýüpek ýoly geçipdir. Ol Aziýany we Ýewropany söwda hem-de medeni gatnaşyklar bilen baglanyşdyrypdyr. Yklymara ýollaryň möhüm çatrygynda ýerleşýän ýurdumyz häzirki döwürde-de hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkara derejede üstaşyr ulag geçelgeleriniň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berýär. Munuň özi gadymy aragatnaşyk ýollarynyň täze taryhy şertlerde gaýtadan dikeldilýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Gahryman Arkadagymyz giň möçberli gurluşyk işleri bilen tanyşmak üçin Balkanabat Halkara howa menziliniň gurluşygynyň dowam edýän ýerine geldi. Ýurdumyzyň üstaşyr ulag kuwwatynyň, ýük daşamak, ýolagçy gatnatmak mümkinçilikleriniň artmagynda möhüm orny eýelejek täze howa menziliniň gurluşygynda häzirki zamanyň ösen tejribesi we täzeçil tehnologiýalar işjeň ulanylýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy bu ýerde Halkara howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynyň gurluş aýratynlyklary, onda ulanylýan serişdeleriň berkligi, uzak möhletleýinligi bilen gyzyklandy. Uçuş-gonuş zolagy şu talaplara, bu ugra degişli ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede gurlupdyr. Gahryman Arkadagymyz ulag-kommunikasiýa pudagynyň dünýä ykdysadyýetiniň we söwda dolanyşygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belläp, täze howa menziliniň ýurdumyzyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryna goşulyşmagynda we ykdysadyýetimizi durnukly ösdürmek bilen bagly wezipeleri çözmekde aýratyn orun eýelejekdigini aýtdy. Şol pursatda gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan Halkara howa menziliniň uçuş-gonuş zolagynda uçaryň synag gonuşy amala aşyryldy. Munuň özi özboluşly synag gonuşy bolmak bilen, menziliň uçuş-gonuş zolaklarynyň dünýä standartlaryna laýyk gelýändigini aýdyňlygy bilen äşgär etdi.

Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, çäk taýdan amatly ýerleşen Türkmenistan üstaşyr ulag geçelgeleriniň mümkinçilikleriniň artdyrylmagyny esasy ugur edinýär. Bu bolsa ýurdumyzda halkara ölçeglere laýyk gelýän we ulagyň ähli görnüşlerini, şol sanda howa ulagyny özüne birleşdirýän multimodal üstaşyr ulag düzüminiň ösdürilmegine giň ýol açýar.

Milli Liderimiz täze howa menziliniň çäklerinde bar bolan ugurdaş desgalaryň

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

enjamlaşdyrylyşy, olaryň ýerleşiş aýratynlyklary bilen gyzyklandy. Desgalaryň häzirki döwrüň talabyna laýyk derejede enjamlaşdyrylmagy onuň ähli düzümleriniň sazlaşykly işiniň üpjün edilmeginde aýratyn ähmiýetlidir. Gahryman Arkadagymyz soňky ýyllarda ýurdumyzyň içerki howa gatnawlarynyň yzygiderli artýandygyny belläp, täze howa menziliniň “Mollagara” şypahanasyna dynç almaga we saglygyny berkitmäge gelýän watandaşlarymyz üçin ýokary derejeli amatlyklary üpjün etjekdigine ünsi çekdi. Halkara howa menziliniň Jebel şäherçesinde ýerleşmegi bu ýere geljek adamlaryň howa menzilinden seleňläp görünýän şypahana wagt ýitirmän baryp bilmekleri üçin aýratyn ähmiýete eýe bolar.

Soňra Halk Maslahatynyň Başlygy howa menziliniň çäginde bar bolan binalar toplumlary, olaryň enjamlaşdyrylyş aýratynlyklary, mümkinçilikleri bilen tanyşdy.

Soňky ýyllarda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda raýat awiasiýasynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek, onuň üstüni täze uçarlar bilen ýetirmek, pudak üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak, döwrebap howa menzillerini gurmak we durkuny täzelemek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Munuň özi Diýarymyzda gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň gaýtadan dikeldilmegi ugrunda edilýän tagallalaryň aýdyň netijesidir. Ýurdumyzyň howa menzilleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, täze howa menzillerini gurmak we ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek işleriniň çäklerinde gysga döwrüň içinde Türkmenbaşy hem-de Türkmenabat şäherlerinde, Aşgabatda ýokary derejede enjamlaşdyrylan, dünýä standartlaryna doly laýyk gelýän Halkara howa menzilleri işe girizildi. Lebap welaýatynyň Kerki şäherinde Halkara howa menziliniň ulanmaga berlendigine köp wagtyň geçmändigine garamazdan, Balkan welaýatynda ýene-de bir döwrebap howa menziliniň gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda dowam edýär. Munuň özi ýurdumyzda ýolagçy gatnatmak we ýük daşamak meseleleriniň oňyn çözgüdine gönükdirilen işleriň netijeli häsiýete eýedigini alamatlandyrýar.

Ýeri gelende, 2015-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň we Lýuksemburgyň arasynda howa gatnawy hakynda hökümetara ylalaşyga gol çekilendigini bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, Ýewropanyň iri howa ýollar düzümi bolan “Cargolux” kompaniýasy tarapyndan Lýuksemburg — Türkmenbaşy ugry boýunça ýük gatnatmak işi ýerine ýetirilip başlandy. Şu geçen döwürde ortaça üstaşyr ýüküň umumy möçberi, 2025-nji ýylyň üç aýyny hasaba alanyňda, 417 müň 340 tonna barabar, üstaşyr uçarlaryň gonuşlarynyň jemi sany bolsa 5 müň 960-dan gowrak boldy. Mundan başga-da, ýurdumyzyň çäginden Ýewropa — Kawkaz — Aziýa (TRACECA), Owganystan — Türkmenistan — Azerbaýjan — Gruziýa — Türkiýe üstaşyr ulag geçelgeleri boýunça halkara gatnawlaryň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň dünýä giňişligindäki abraýynyň has-da belende galmagyny şertlendirýär.

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça üstaşyr ulag geçelgeleriniň mümkinçiliklerini artdyrmaga, bu ugurda bar bolan meseleleriň oňyn çözgüdine gönükdirilen birnäçe halkara forumlaryň geçirilendigini bellemek gerek. Şolaryň hatarynda 2014-nji ýylda durnukly ulag ulgamyny döretmäge bagyşlanyp guralan ýokary derejeli halkara maslahat bar. Onuň netijeleri boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Şeýle-de 2016-njy ýylda paýtagtymyzda BMG-niň durnukly ulag ulgamy boýunça birinji ählumumy maslahaty geçirildi. Munuň özi Türkmenistanyň daşary syýasatynda ulag diplomatiýasynyň möhüm orny eýeleýändigini görkezýär. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ulag ulgamynyň wajyp düzüm bölegi bolan Halkara howa menzilleriniň gurulmagy hem bu işe mynasyp goşantdyr. Şeýle hem Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny», «Durnukly köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda», «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek», «Bütindünýä durnukly ulag güni» atly Kararnamalary kabul edildi.

Şeýlelikde, Jebel şäherçesindäki täze Halkara howa menziliniň taslamasynyň amala aşyrylmagy ýurdumyzyň sebit we yklym ähmiýetli möhüm ulag-logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny has-da pugtalandyrar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýäniň ulag ulgamyna üstünlikli goşulyşmagyny üpjün eder. Merkezi Aziýanyň we Ýewropanyň amatly çatrygynda ýerleşen ýurdumyz sebitiň hem-de yklymyň döwletleriniň arasynda ulag-logistika hyzmatlarynyň ösdürilmegine jogapkärçilikli çemeleşýär, milli ulag düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyryp, öz halkara üstaşyr ulag kuwwatyny yzygiderli artdyrýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkara ulag geçelgeleriniň ygtybarlylygy üçin oňaýly şertleri döretmek boýunça durmuşa geçirilýän giň gerimli işler Türkmenistany yklymlaýyn ugurlar boýunça halkara geçelgeleriň möhüm halkasyna öwürýär. Türkmenistan üstaşyr ulag geçelgeleri babatda öz mümkinçiliklerini umumy bähbitler esasynda amala aşyrmagy maksat edinýär. Şunda abraýly halkara guramalar bilen özara gatnaşyklaryň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Şeýle hem ýurdumyz döwrüň wajyp meseleleriniň sazlaşykly çözgütlerini işläp taýýarlamak boýunça halkara hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösdürilmegi ugrunda yzygiderli tagalla edýär.

…Soňra Gahryman Arkadagymyz täze gurulýan howa menziliniň desgalary we olaryň enjamlaşdyrylyşy boýunça taýýarlanylan şekil taslamalary bilen tanyşdy.

“Türkmenhowaýollary” agentliginiň başlygy D.Saburow täze howa menziliniň gurluşygyny, degişli binalaryň aýratynlyklaryny öz içine alýan taslamalar barada hasabat berdi. Bellenilişi

Все права защищены

ýaly, bu ýerde uçuş-gonuş zolagyndan başga-da, birikdiriji öwrüm ýollary, uçar duralgalarynyň meýdançalary, ýolagçy terminallary, dolandyryş diňi, howa menziliniň barlag-geçiriş bölümleri, halas ediş we ýangyna garşy göreş binalary, tehniki desgalar, suw rezerwuarlary, yşyklandyryş, habar beriş ulgamynyň bökdençsiz işini üpjün etmäge niýetlenen desga, radiotehniki ulgamlaryň bekedi, ýük meýdançasy we terminaly ýaly birnäçe ugurdaş desgalar hereket eder.

Milli Liderimiz bu ýerde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň yzygiderli gözegçilikde saklanmalydygyny nygtap, onuň ýokary hilli bolmagynyň we gurluşyklaryň öz wagtynda tamamlanmagynyň möhüm talap hökmünde kesgitlenendigini aýtdy. Şunda binalary enjamlaşdyrmak, hünärmenleri taýýarlamak meselelerine örän jogapkärçilikli, toplumlaýyn esasda çemeleşilmelidir.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Balkanabat Halkara howa menziliniň gurluşygynyň depginini has-da ýokarlandyrmak, binalaryň ýanaşyk ýerlerini göwnejaý abadanlaşdyrmak, täze toplumda hyzmatlaryň ýokary derejesini hödürlemek boýunça kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmekde hemmelere üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Balkan welaýatyna iş saparyny tamamlap, paýtagtymyza tarap ugrady. Biraz wagtdan Milli Liderimiziň uçary Aşgabadyň Halkara howa menziline gondy. Bu ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow mähirli garşylanyldy.

## MEŇZEŞ HABARLAR

Все права защищены